THE
ASHGABAT
TIMES

# TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ WEKILIÝETINIŇ GRUZIÝA-TÜRKMENISTAN PARLAMENTARA DOSTLUK TOPARYNYŇ WEKILLERI BILEN DUŞUŞYGY GEÇIRILDI

2025-nji ýylyň 23-nji aprelinde Türkmenistanyň Mejlisiniň wekiliýetiniň Gruziýa iş saparynyň dowamynda Gruziýa-Türkmenistan parlamentara dostluk toparynyň başlygy Dawid Matikaşwiliniň ýolbaşçylygyndaky topar agzalary bilen duşuşygy boldy.

Duşuşygyň barşynda Türkmenistanyň we Gruziýanyň döwlet Baştutanlarynyň tagallalary netijesinde, iki ýurduň arasyndaky hyzmatdaşlygyň işjeň ösdürilýändigi, şol sanda parlament ugry boýunça netijeli gatnaşyklar üçin täze mümkinçilikleriň döredilýändigi bellenildi.

Türkmen tarapy ýurdumyzyň içeri we daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlary, milli Parlamentiň düzümi hem-de dürli ulgamlarda amala aşyrylýan giň gerimli durmuş-ykdysady özgertmeleri kanunçylyk taýdan üpjün etmek boýunça alnyp barylýan işler bilen tanyşdyrdy.

Söhbetdeşlikde parlamentara dialogyň iki ýurduň arasyndaky hyzmatdaşlygy pugtalandyrmagyň möhüm bölegine öwrülendigi we ikitaraplaýyn esasda döredilen parlamentara dostluk toparlarynyň kanun çykaryjylyk işinde we parlament diplomatiýasyny ösdürmekde tejribe alyşmaga mümkinçilikleriň artdyrylýandygy aýratyn bellenildi.

Şeýle hem parlamentara dostluk toparlarynyň işiniň ilerledilmeginiň geljekde ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryň ösdürilmegine giň ýol açmaga itergi berjekdigi bellenildi.

Duşuşygyň ahyrynda taraplar kanun çykaryjylyk ulgamynda tejribe alyşmak işini dowam etdirmäge taýýardyklaryny beýan etdiler.

Все права защищены

save pdf date >>> 05.12.2025